# Artist Juma Kowusowyñ degişmelerinden

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Artist Juma Kowusowyñ degişmelerinden

■ «Bu ite şu-da köp»

Her gezek Jumany öýüne çagyryp, çaýdan başga zat hödür etmeýän kärdeşi bir gün oňa:
– Juma, sen itdir pişigiň ýagdaýyny bizden gowy bilýäň, seret muňa, halys içinden öl ötmeýän ýaly – diýip, itini görkezipdi.
Şonda Juma gapyrga bolup duran iti synlap:
– Dost, eýesi sen bolsaň, bu ite şu-da köp – diýip, ýylgyrypdyr

■ «Myhman gelse şeýle…»

– Uzak gije ýatyp bilemok, dost! Ýaňy bir ymyzganyp başlaýan welin, gara basyp dur.
Onsoň elime näme ilse zyňyp içerinem akan-ýumran edýän – diýip, Juma bir gelse wagty bilen gitmäni bilmeýän obadaşynyň ýanynda zeýrenipdir.
Myhman:
– Her gün şeýlemi? – diýip, sorapdyr. Şonda Juma:
– Ýok, niçikmi, öýe myhman gelse şeýle. Siz göwnüňize alaýmaweriň – diýip, ýüzüni sallapdyr.

■ «Eýesine çekmese şumluk…»

Obalaryna gezmäge baran Jumany köne tanyşlarynyň biri gepde ýeňmek isläp, ýaňy sürüden gelen sygrynyň öňüne bede baryny oklapdyr:
– Ýeri, Juma, muňa näme diýersiň. Meýdandan garnyny gözäp gelse-de, doýdum-doldumy ýok – diýipdir.
Onda Juma:

— «Mal eýesine çekmese, şumluk» diýäýmesek, başga söz ýok — diýip ýylgyrypdyr.

■ «Hernä, çyn eken…»

Bir gezek Juma «Men keselledim» diýip, işe çykmadyk bir ýoldaşynyň öýüne barýar. Ol, hakykatdan hem syrkaw eken. Hemişe «Men syrkaw» diýip, ýalan sözläp ýörensoň, Juma oňa:
— Hernä, bu gezek çynyň eken, şeýt ahyry — diýip «duýgudaşlyk» bildiripdir.

■ «Onda mana öýkünerdiler…»

Bir oglanjyk Juma ýüzlenipdir:
— Daýy, eger haýwanlar bolmadyk bolsa, siz nämä öýkünerdiňiz?
— Hiç zada. Bolup ýörşümi geňläp, belki, maňa öýkünerdiler — diýip, Juma ýylgyrypdyr.

■ Sorag-jogap:

Juma Kowusowy gepde utmak üçin ýakyn goňşularynyň biri oňa birnäçe sorag bermegi ýüregine düwýär. Goňşusy ondan:
— Gije gowumy, gündiz? — diýip soraýar.
Juma Kowusow:
— Gündiz gowy.
— Näme üçin?!
— Gündiz ýitiren zadyňy tapyp bolýa, gijesine bolsa pikirem etme…
— Onda nämüçin men ýitiren pulumy gündizem bolsa tapyp bilemok?!
Goňşusynyň soraglarynyň gutarmajagyna gözi ýeten Juma Kowusow:
— Gaýgy edip oturma, goňşy! Sen tapmadyk bolsaňam, başga biri ta- pandyr ony — diýip, goňşusyna garap, köpmanyly ýylgyrypdyr.

■ «Ol meň kelläme geçdi»

Ýaňra dostlarynyň biri ýol üstünde Juma Kowusowa gabatlaşyp, gepini-gürrüňini halys gutarar ýerde gutarmandyr. Şol gürläp

durşuna esli salymdan soň:
– Juma, sen bijaý gowy hem tapylgysyz adam. Kelläm agyrýardy welin, söhbedimiziň täsiri bilen, zaluwat, aýryldy ötägitdi-dä! – diýip ýyrşarypdyr.
– Ýok, kellagyryň giden ýeri uzak däl, ol meň kelläme geçdi! – diýip, Juma Kowusow degşipdir.

Degişmeler